# Süleýman Öwezow aradan çykdy…

Category: Goşgular,Kitapcy,Taryhda şu gün,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025

Süleýman Öwezow aradan çykdy… ***• Şu gün – 19-njy dekabrda halypa mugallym, folklorçy, şahyr Süleýman Öwezow aradan çykdy. Merhuma iman baýlygyny dileýäris.***

◇ Şahyr hakynda

S.Öwezow 1941-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Krasnowodsk oblastynyň Garrygala raýonynyň (häzirki Balkan welaýatynyň Magtymguly etraby) Kürüždeý obasynda doguldy.
Oba mekdebinde okan S.Öwezow mekdebi tamamlandan soňra Maksim Gorkiý adyndaky Türkmen Döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we filologiýasy fakultetine okuwa girýär we okuwy tamamlajak ýyly meşhur alym Mäti Kösäýewiň ylmy ýolbaşçylygynda "Nohur halk döredijiligi" diýen temadan diplom işini üstünlik bilen goraýar. Belli alymlaryň ünsüni çeken bu özboluşly temany has hem ösdürip, aspiranturada alymlyk işini (kandidatlyk dissertasiýasy) goramagy maslahat berilenem bolsa, şol wagt Mäti Kösäýewiň sowet režimi tarapyndan ýanalmagy zerarly S.Öwezowa hem meşhur alymyň "şaýkasy" hökmünde garalyp, bu asylly iş amala aşman galýar. Bu göwrümli iş gutatylman galanam bolsa, obama-oba aýlanyp, ýaşuly adamlar bilen gürrüňdeş bolup toplanan materiallarda Mäti Kösäýewiň hyzmaty uludyr. Bu ähmiýetli ylmy işi gelejekde okyjylar köpçüligine ýetirmek gerek. Sebäbi, bu monografiýa arkaly taryhymyzy, folklorymyzyň halk döredijiliginiň heniz türkmen halkyna mälim bolmadyk nusgalaryndan hem giňişleýin söz açylýar.
Mäti Kösäýewiň özi doly gözastyna alnanam bolsa, ol bu işe ýolbaşçylyk etmegi birnäçe mugallymdan haýyş edendigi we bu ylmy işi üstünlikli tamamlamagy haýyş edip ýörite özüne hat ýazandygyna garamazdan, muňa hiç kimiň het edip bilmändigini Süleýman aga soň-soňlaram ahmyr bilen kän gezek ýatlapdy.
S.Öwezow 1971-nji ýylda obasyna dolanandan soň Garrygala etrabynyň Duzlydepe obasyndaky 10-njy orta mekdepde işe

başlaýar. Hojam Gurbanow, Emirguly Atamyradow, Eke Seýitmyradow ýaly tejribeli halypa mugallymlardan tälim alan S.Öwezow soñra kärini Kürüždeý obasynyñ 4-nji orta mekdebinde dowam etdirýär. Kyrk ýyldan gowrak wagt şol mekdepde zähmet çeken Süleýman mugallymyñ elinden häzire çenli ýüzlerçe, belki-de müñlerçe okuwçy çykdy.
S.Öwezowyñ goşgulary dürli ýyllarda häzirki wagta çenli ýurdumyzyñ "Edebiýat we Sungat", "Balkan", "Garagum", "Güneş", "Watan" ýaly gazetlerinde yzygiderli çap edilip gelindi.
Süleýman Öwezow 2024-nji ýylyñ 19-njy dekabrynda aradan çykdy.
Taryhda şu gün